**“Ylalaşylan”**
**Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet Ministrligiň 2024-nji ýylyň 08-nji ýanwaryndaky 16/Min - 167 belgili haty bilen**

**“Tassyklanylan”**
**“Aşgabat gazna biržasy” ÝGPJ-niň paýdarlarynyň Umumy ýygnagynyň 2024-nji ýylyň 18-nji mart 42 belgili Teswirnamasy bilen**

# TERTIP
# “Aşgabat gazna biržasy” ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiň listing hakynda

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Tertip Türkmenistanyň “Gymmatly kagyzlar bazary hakynda” kanunyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we “Aşgabat gazna biržasy” ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň (mundan beýläk - Birža) gymmatly kagyzlaryň listing talaplaryny we listing sanawyna girizmek tertibini, listingde saklamak we delistingi kesgitlemekde içerki resminamasy bolup durýar.

2. Şu Tertibiň maksatlary üçin aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

**affilirlenen şahs** - islendik ýuridiki ýa-da fiziki şahsyň, beýleki ýuridiki ýa-da fiziki şahslaryň kabul edýan çözgütlerine gös-göni ýa-da gyýtaklaýyn täsir edip biljek sebäpleri boýunça:

- uly paýnama (paýa) eýeçilik etmek,
- ýuridiki şahsyň wezipeli işgäri bolmak,
- başga bir ýuridiki ýa-da fiziki şahsyň ýokarda görkezilen sebäpler boýunça gözegçiligi amala aşyryp biljek ýuridiki ýa-da fiziki şahs;

**listing** - gymmatly kagyzlaryň Biržanyň şertlerine we talaplaryna laýyklygyna gözegçiligi amala aşyrmak we Biržanyň resmi sanawyna gymmatly kagyzlary girizmek boýunça tertip toplumy;

**delisting** - Biržanyň resmi sanawyndan Emitentiň gymmatly kagyzlaryny çykarmak tertibi;

**listing şertnamasy** - Biržanyň resmi sanawynda Emitentiň gymmatly kagyzlarynyň bolan döwründe, Biržanyň we Emitentiň özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek maksady bilen, olaryň arasynda baglaşylýan iki taraplaýyn ylalaşyk;

**listing talaplary** - Biržanyň resmi sanawyna girizilen, listing tertibini amala aşyran Emitentiň gymmatly kagyzlarynyň ýa-da listing tertibini geçmek üçin arzasyny beren Emitentiň ýerine ýetirmeli kadalarynyň toplumy;

**listing topary** - şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýän Biržanyň ýörite guramasy:

- listing arzasyna seretmek,
- listinga girizmek barada çözgüt kabul etmek,

- emitentiň Biržanyň listing talaplaryna laýyk ýa-da laýyk gelmeýändiginiň listing netijenamasyny tassyklamak,
- listingde saklamak barada çözgüdi kabul etmek,
- listing tertibini kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamak;

**listingi ýöretmek -** Biržanyň çärýekleýin esasynda amala aşyrýan tertibi bolup, onuň dowamynda Biržanyň resmi sanawyna girizilen Emitentiň gymmatly kagyzlaryna, Birža talaplarynyň berjaý edilişine barlag geçirmek;

**gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy** - gymmatly kagyzlar bazaryndaky hünärmençilik işiniň bir ýa-da birnäçe görnüşlerini amala aşyrmak boýunça ygtyýarnamasy bar bolan ýuridik şahs;

**emissiýanyň prospekti** - bu gymmatly kagyzlary ýerleşdirilmezden öň, Emitent we goýberilýän gymmatly kagyzlar barada möhüm maglumatlaryny öz içine alýan, resmi taýdan Emitent tarapyndan taýýarlanylýan emissiýaly resminamasydyr;

**wezipeli şahs** - Emitentiň ýa-da gymmatly kagyzlar bazaryň hünärli gatnaşyjysynyň ýolbaşçysy, Geňeşiň agzasy we ýerine ýetiriji guramasynyň ýolbaşçysy we agzasy, şeýle hem täjirçilik guramalarynyň işini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda resmi tarapdan ykrar edilen şahs;

**Biržanyň resmi sanawy** - listingiň “A”,”B”, “C” toparyna degişli edilen we listing tertibini amala aşyran Emitentiň Biržadaky gymmatly kagyzlarynyň sanawy;

**köpçülige aýan etmek** - Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda köpçülige açyk bolan maglumatlary aýan etmek;

**Emitent** - dolanyşyga gymmatly kagyzlary goýberýän we olardan gelip çykýan borçnamalary amala aşyrýan ýuridik şahs.

## II. Gymmatly kagyzlaryň listingi we delistingi

2.1. Gymmatly kagyzlaryň Biržanyň resmi sanawyna girizilmegi we onda olaryň saklanmagy meýletin bolup, Emitent bilen Biržanyň arasynda baglaşylan listing şertnamasynyň (Goşundy 1) we şu Tertibiň esasynda amala aşyrylýar.

2.2. Emitent listing tertibini amala aşyranda, onuň yglan edilen gymmatly kagyzlary Biržanyň resmi sanawynyň degişli toparlaryna girizilýär we topara bildirilýän talaplara laýyk gelmelidir.

2.3. Emitentiň Biržanyň resmi sanawynyň toparlaryna bildirilýän talaplaryna laýyk gelmegi listing şertnamasyna laýyklykda, Emitentiň maglumatlarynyň, şeýle hem Emitentiň başga borçnamalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek esasynda Birža tarapyndan barlanylýar.

2.4. Biržanyň resmi sanawy 3 topardan ybarat bolup durýar:
- “A” birinji dereje;
- “B” ikinji dereje;
- “C” üçünji dereje.

2.5. Biržanyň resmi sanawyna girizilen ähli üýtgeşmeler köpçülige aýan edilmelidir.

2.6. Bir Emitentiň gymmatly kagyzlarynyň goýberilişi Biržanyň resmi sanawynyň dürli toparlarynda bolup bilmez.

2.7. Biržanyň resmi sanawyna gymmatly kagyzlaryň girizilmegi we olaryň sanawda saklanylmagy, bu gymmatly kagyzlary satyn almak boýunça hödürlemek bolup durmaýar we maslahat hökmünde duýulmaly däldir.

2.8. Biržanyň resmi sanawyna gymmatly kagyzlaryň girizilmegi bilen, gymmatly kagyzlar bazaryň gatnaşyjylarynyň çözgütleriniň we hereketleriniň ähli netijelerine, şeýle hem görkezilen sanawyň bir toparyndan beýleki topara geçirmek we sanawdan gymmatly kagyzlaryň aýyrylmagyna Birža jogapkärçilik çekmeýär.

2.9. Biržanyň resmi sanawyna girizilen gymmatly kagyzlaryň Emitentleri tarapyndan öz borçnamalarynyň ýerine ýetirilmezligi ýa-da talaba laýyk ýerine ýetirilmezligi boýunça Birža jogapkärçilik çekmeýär.

2.10. Biržanyň resmi sanawyna girizilen gymmatly kagyzlaryň Emitentleri, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy - hukuk namalaryna we şu Tertibe laýyklykda, köpçülige aýan edilmeli işleri baradaky maglumatlary açmak üçin, Birža iberýär. Birža Emitenden alnan maglumatlary öz web-sahypasynda ýerleşdirýär.

2.11. Emitent we onuň Biržanyň resmi sanawyna girizilen gymmatly kagyzlary baradaky maglumatlaryň dolulygyna we takyklygyna, jogapkärçilik Emitentiň üstüne ýüklenilýär.

2.12. Emitentiň listing talaplaryna laýyklygyna we onuň maliýe-hojalyk işiniň netijeleri baradaky maglumatlaryň giň gerimli maýadarlara mälim edilmegi Birža tarapyndan üpjün edilýär.

2.13. Eger emitent Biržanyň listing talaplaryna laýyklygyny bes etse, onuň gymmatly kagyzlary listing toparynyň çözgüdi bilen duýdurylýar ýa-da soňraky delistinga sezewar bolýar.

## III. Listingiň talaplary

### 3.1. Umumy talaplar:

3.1.1. Emitent Türkmenistanyň ýuridiki şahsy hökmünde hasaba alnandygyny tassyklaýan resminamasy bolmalydyr;

3.1.2. Emitent maliýe hasabatlaryny halkara maliýe standartlaryna laýyklykda taýýarlaýan bolmaly, şol sanda çärýekleýin esasynda;

3.1.3. gymmatly kagyzlaryň goýberilişinde, borçnamalaryň ýerine ýetirilişinde Emitentiň bergileriniň bolmazlygy;

3.1.4. Emitentiň Tertipnamasyna we beýleki resminamalaryna, olaryň eýeleri üçin goýberilen gymmatly kagyzlaryna erkin eýeçilik etmek çäklendirmeleri we gymmatly kagyzlar boýunça beýleki hukuklaryna çäklendirmeleri girizilmeli däldir;

3.1.5. Emitentiň maliýe hasabaty auditoryň netijenamasy bilen tassyklanylan bolmalydyr;

3.1.6. Birža sanawyna girizilen gymmatly kagyzlaryň Emitentini listingde saklamak maksady bilen, şu Tertipde görkezilen maglumatlary talap edilýän göwrümde we öz wagtynda Birža açmalydyr;

3.1.7. Emitente we onuň gymmatly kagyzlaryna listing boýunça bildirilýän talaplar şulara degişli bolup durmaýar:

- Türkmenistanyň Hökümetiniň gymmatly kagyzlarynyň goýberilişi;
- Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gymmatly kagyzlarynyň goýberilişi.

**3.2. “A” topary boýunça (paýnamalar we obligasiýalar üçin) ýörite talaplar:**

3.2.1. Emitentiň hususy maýasynyň möçberi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň resmi hümmeti bilen, türkmen manadynda ABŞ-nyň 1 000 000 dollarynyň ekwiwalentinden pes bolmaly däldir;

3.2.2. Emitentiň döredilendigine azyndan 3 ýyl bolmalydyr;

3.2.3. Emitent soňky 3 ýylyň jemi boýunça ýa-da soňky hasabat ýylynda ýitgili bolmaly däldir;

3.2.4. Emitent ýuridiki şahs görnüşinde hereketde bolmalydyr we Türkmenistanyň kanunçylyklarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir;

3.2.5. Emitent Biržanyň resmi sanawyna girizilen gymmatly kagyzlaryň ilkibaşdaky ýerleşdirilmegini, Biržanyň söwda meýdançasynda amala aşyrmalydyr;

3.2.6. prospekt emissiýasy;

3.2.7. Birža talaplary bilen, maglumatlaryň bellenilen göwrüminde we tertibinde açmak.

**3.3. “B” topary boýunça (paýnamalar we obligasiýalar üçin) ýörite talaplar:**

3.3.1. Emitentiň hususy maýasynyň möçberi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň resmi hümmeti bilen, türkmen manadynda ABŞ-nyň 430 000 dollarynyň ekwiwalentinden pes bolmaly däldir;

3.3.2. Emitentiň döredilendigine azyndan 2 ýyl bolmalydyr;

3.3.3. Emitent soňky 2 ýylyň jemi boýunça ýa-da soňky hasabat ýylynda ýitgili bolmaly däldir;

3.3.4. Emitent ýuridiki şahs görnüşinde herketde bolmalydyr we Türkmenistanyň kanunçylyklarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir;

3.3.5. Emitent Biržanyň resmi sanawyna girizilen gymmatly kagyzlaryň ilkibaşdaky ýerleşdirilmegini, Biržanyň söwda meýdançasynda amala aşyrmalydyr;

3.3.6. prospekt emissiýasy;

3.3.7. Birža talaplary bilen, maglumatlaryň bellenilen göwrüminde we tertibinde açmak.

**3.4. “C” topary boýunça (paýnamalar we obligasiýalar üçin) ýörite talaplar:**

3.4.1. Emitentiň hususy maýasynyň möçberi, onuň esaslyk maýasyna bildirilýän iň az möçberinde bolmalydyr;

3.4.2. Emitent ýuridiki şahs görnüşinde herketde bolmalydyr we Türkmenistanyň kanunçylyklarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir;

3.4.3. Emitent Biržanyň resmi sanawyna girizilen gymmatly kagyzlaryň ilkibaşdaky ýerleşdirilmegini, Birža söwda meýdançasynda amala aşyrmalydyr;

3.4.4. Emitentiň gymmatly kagyzlary Türkmenistanyň kanunçylygyna, şol sanda gymmatly kagyzlar bazaryny düzgünleşdirýän Ygtyýarly edarasynyň talaplaryna laýyk gelmelidir;

3.4.5. prospekt emissiýasy;

3.4.6. Birža talaplary bilen maglumatlaryň bellenilen göwrüminde we tertibinde açmak.

**3.5. Listingde saklamak boýunça emitente bildirilýän talaplar:**

3.5.1. Emitent, Biržanyň resmi sanawynyň toparlaryna girizilen gymmatly kagyzlar boýunça, şu häsiýetdäki maglumalary we aşakdaky görkezilen möhletlerde Birža tabşyrmalydyr:

- hasabat ýylyndan soňky ikinji aýynyň ahyryndan gijä galman ähli goşundylary bilen bilelikde ýyllyk maliýe (auditoryň netijenamasy bilen) hasabatyny;
- hasabat çärýeginiň soňky aýynyň 30-na çenli ähli goşundylary bilen bilelikde çärýekleýin maliýe hasabatyny;
- ýuridiki şahs hökmünde hasaba alyş maglumatlaryň we Emitentiň Tertipnamasyna girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar baradaky maglumatlary, degişli çözgüdiň kabul edilen senesinden 5 iş gününden gijä galman ýazmaça görnüşinde Birža habar bermek;
- Emitent, onuň işi bilen baglylykdaky islendik maglumatlary Birža açyk görkezmäge haklydyr.

## IV. Listing ýygyndylary

4.1. Birža listing tölegleriň şu aşakdaky görnüşlerini kesgitleýär:

4.1.1. Emitentiň gymmatly kagyzlarynyň her bir goýberilişi boýunça listing arzasyna seretmek we onuň listing talaplaryna laýyklygyny barlamak boýunça bir gezeklik hasaba almak listing ýygyndysynyň tölegi;

4.1.2. Emitentiň listing talaplaryna laýyklygyna, çärýekleýin barlag geçirmek we Biržanyň resmi sanawynda Emitentiň gymmatly kagyzlaryny saklamak boýunça her ýyllyk listing ýygyndysynyň tölegi;

4.2. listing ýygyndylaryň mukdary Biržanyň paýdarlarynyň Umumy ýygnagy tarapyndan Biržanyň hyzmatlarynyň Nyrhnamasy bilen kesgitlenilýär, olaryň töleg tertibi we möhletleri listing şertnamasy bilen hem bellenilýär.

## V. Listing tertibi

5.1. Listing tertibi şu aşakdaky yzygiderli tapgyrlardan ybarat bolup durýar:

5.1.1. Emitent listing arzasy (Goşundy 2) bilen şu resminamalary tabşyrmalydyr:

- Emitentiň döwlet tarapyndan hasaba alnandygy baradaky Şahadatnamasy we degişli tertipde hasaba alnan ähli üýtgetmeleri we goşmaçalary goşmak bilen, hereket edýän Tertipnamasy,
- ähli gymmatly kagyzlaryň goýberilişiniň döwlet t arapyndan bellige alnandygy baradaky çözgüt, şol sanda Biržanyň resmi sanawyna girizmek boýunça yglan

edilen gymmatly kagyzlar,

- Emitent paýdarlar jemgyýeti görnüşinde bolmadyk ýagdaýynda, ol onuň emele gelen esaslyk maýasyny tassyklaýan ilkinji resminamalaryny hem-de esaslandyryjy şertnamasyny tabşyrýar,
- Biržanyň resmi sanawyna girizmek boýunça, köpçülik üçin yglan edilen gymmatly kagyzlaryň goýberilişiniň emissiýa prospekti,
- Emitent ýyllyk (auditoryň netijenamasy bilen) we çärýekleýin maliýe hasabatlaryny goşundylary bilen bilelikde tabşyrýar,
- listing prospekti (Goşundy 3);

5.2. listingiň netijelerini Birža tarapyndan taýýarlamak we ony Listing toparynyň ýygnagynda seretmek;

5.3. listingdan ýüz öwürmek barada ret etmegiň sebäplerini görkezmek bilen, Emitenti habarly etmek ýa-da listing şertnamasyny baglaşmak teklibi bilen listing barada Emitente habar bermek. Listing netijenamasy (Goşundy 4) listing topary tarapyndan tassyklanan gününden güýje girýär;

5.4. Biržanyň talaplaryna laýyklykda, resminamalaryň doly toplumy Emitent tarapyndan tabşyrylan gününden 5 günden gijä galman listing netijenamasy taýýarlanylan bolmaly we Listing toparynyň mejlisinde seredilmeli;

5.5. Emitentiň listing talaplaryna laýyk gelmedik halatynda, şeýle hem talaplaryň berjaý edilýändigini tassyklaýan resminamalar bilen üpjün edilmedik ýagdaýynda, Birža ýazmaça esasly ret edýär;

5.6. Emitent listing barada arzasy kanagatlandyrylandan soň, 5 günüň dowamynda Birža bilen listing şertnamasyny baglaşmaly;

5.7. Emitentiň listing arzasy kanagatlandyrmakdan ýüz öwürilse, Listing topary tarapyndan şeýle boýun gaçyrmak kabul edilen ýagdaýynda, degişli çözgüdiň kabul edilen gününden, Birža 3 günüň dowamynda ret etmek sebäplerini görkezmek bilen Listing toparyň mejlisiniň teswirnamasynyň göçürmesini Emitente iberýär;

5.8. Emitente listinga ýüz öwürilse, ol täze arzasyny 1 aýdan gijä galman tabşyrmaga haklydyr.

## VI. Gymmatly kagyzlaryň Biržanyň resmi sanawynyň bir toparyndan başga topara geçirmek tertibi

6.1. Emitent Biržanyň resmi sanawynyň has ýokary toparyna listing talaplaryna laýyk gelýän bolsa we Emitent tarapyndan degişli arzany tabşyrmak şertlerinde, onuň gymmatly kagyzlary Biržanyň resmi sanawynyň has ýokary toparyna geçirilip bilner. Şeýle geçirme şu Teribiň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan düzgünlerde amala aşyrylýar.

6.2. Eger Biržanyň resmi sanawynyň bir toparyna Emitentiň girizilen gymmatly kagyzlary listing talaplaryny berjaý etmekde bes eden ýagdaýynda, şeýle gymmatly kagyzlar listingiň has pes toparyna geçirilmeli ýa-da delisting tertibini geçmeli. Şeýle geçirme 5 günüň dowamynda Biržanyň taýýarlan listing netijenamasyndan soň Listing toparynyň listing netijenamasynyň tassyklanylmagynyň esasynda Birža tarapyndan amala aşyrylýar.

## VII. Listingde saklamak tertibi

7.1. Çärýekde, hasbat çärýeginden soňky ikinji aýynyň 15-ndan gijä galman Biržanyň resmi sanawyna girizilen gymmatly kagyzlaryň Emitentleriniň her biri boýunça listing netijenamasy taýýarlanylýar we Biržanyň Listing toparynda seredilip, listingde saklamak ýa-da delisting barada çözgüt kabul edilýär.

## VIII. Emitente täsir etmek çäreler

8.1. Listing üçin ýüz tutan Emitent, şeýle hem Biržanyň resmi sanawyna girizilen gymmatly kagyzlaryň Emitenti, şu Tertibe laýyklykda, Birža açylan maglumatlaryň dogrulygyna, dolulygyna we öz wagtyndalygyna Biržanyň öňünde jogapkärçilik çekýär.

8.2. Listingi saklamak boýunça talaplar Emitent tarapyndan bozulan halatynda, öňa duýduryş we soňraky delisting çäreleri ulanylýar.

## IX. Delisting tertibi

9.1.Gymmatly kagyzlaryň delistingi barada çözgüt Biržanyň listing topary tarapyndan taýýarlanylan netijenamasynyň esasynda kabul edilýär.

9.2. Gymmatly kagyzlaryň delistingi barada çözgüdi kabul etmek üçin şu aşakdaky esaslar bolup biler:

- gymmatly kagyzlaryň delistingi barada Emitentiň arzasy;
- Emitentiň maliýe-hojalyk işiniň ýaramaşlaşmagy;
- Emitentiň tölege ukypsyzlygyny (batmagyny) boýun almak;
- Birjanyň resmi sanawyndaky gymmatly kagyzlaryň döwlet belgisiniň ýa-da olaryň dolanyşyk möhletiniň gutarmagy bilen ýatyrylmagy.

9.3. Delisting baradaky habarnama degişli Emitetnte we gymmatly kagyzlar bazaryny düzgünleşdirýän Ygtyýarly edarasyna iberilýär.

9.4. Emitentiň delisting ýagdaýynda, ol 3 aý geçenden soň listing üçin täze arzasyny tabşyryp biler.

## X. Maglumatlary açmak

10.1. Biržanyň resmi sanawyna girizilen gymmatly kagyzlaryň Emitenti baradaky maglumatlary, Birža özüniň resmi internet - sahypasynda ýerleşdirmek arkaly ýa-da arza bilen ýüz tutan şahslara we töleg esasynda maglumatlaryň göçürmesini kagyz göterijisinde bermek arkaly açýar.

10.2. Biržanyň internet - sahypasynda açmak maglumatlar şulary öz içine alýar:

- Emitentiň maliýe hasabaty;
- listing prospekti;
- Emitent barada gysgaça maglumat;
- auditoryň netijenamasy.

“Aşgabat gazna biržasy” ÝGPJ-niň
listing Tertibine **Goşundy 1.**

**Listing Şertnamasy №____**

“____”____________ 202__ý.

Mundan beýläk “Birža” diýlip atlandyrylýan “Aşgabat gazna biržasy” ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti, onuň Tertipnamasynyň esasynda hereket edýän _________________________, bir tarapdan we mundan beýläk “Emitent” diýlip
(wezipesi, A.F.A.a.)
atlandyrýan __________________, onuň Tertipnamasynyň esasynda hereket edýän
(emitentiň ady)
__________________, beýleki tarapdan, bilelikde “Taraplar” diýlip atlandyrylýan,
(wezipesi, A.F.A.a.)
aşakdakylar barada şu Şertnamany baglaşdylar:

**1. Şertnamanyň mazmuny**

1.1. Birža 202__-nji ýylyň “__” -nji _________ Listing toparynyň çözgüdine laýyklykda, Emitentiň ______________________ Biržanyň resmi sanawynyň “___”
(gymmatly kagyzyň görnüşi)
toparyna goşmaly.

1.2. Emitent Biržanyň listing Tertibinde (mundan beýläk - Tertip) göz öňünde tutulan maglumatlary kesgitlenilen şertlerde we möhletlerde açýar.

**2. Taraplaryň hukuklary we borçlary**

2.1. Emitent şu Şertnamanyň şertlerini ýa-da Tertibiň talaplaryny bozan ýagdaýynda, Biržanyň resmi sanawyndan şu Şertnamanyň 1.1. bendinde görkezilen gymmatly kagyzlary aýyrmaga we ýatyrmaga Biržanyň hukugy bardyr.

2.2. Birža Emitentiň ygtyýarly şahsyndan şu Şertnamanyň we Tertibiň şertleri bilen göz öňünde tutulan maglumatlaryň öz wagtynda berilmegini talap etmäge hukugy bardyr.

2.3. Şu Şertnamanyň we Tertibiň çäklerinde Emitenden alnan maglumatlary gazna bazaryň gatnaşyjylaryna bermäge Biržanyň hukugy bardyr.

2.4. Emitentiň işi baradaky maglumatlary, Birža internet resmi sahypasynda we özüniň analitiki hasaplarynda ýerleşdirmek arkaly yzygiderli aýan etmäge borçlydyr.

2.5. Emitent Birža tarapyndan taýýarlanylan analitiki hasabatlary almaga hukugy bardyr.

2.6. Emitent Tertipde göz öňünde tutulan maglumatlary we resminamalary öz wagtynda, bellenilen möhletinde, mukdarynda we görnüşinde Biržany üpjün etmäge borçlydyr.

2.7. Emitent Tertibiniň we Birža hyzmatlarynyň Nyrhnamasyna laýyklykda, listing ýygyndylaryny öz wagtynda we doly mukdarda tölemegini üpjün etmäge boçlydyr.

2.8. Emitent şu Şertnamanyň ýerine ýetirmek prosesinde Biržanyň aýan etmek maglumatlarynyň bermek möhletiniň, tertibiniň we dolulygynyň, onuň ygtyýarly şahs tarapyndan bozulmagynyň öňüni almak üçin çäreleri görýär.

## 3. Listing ýygyndylaryň tölemek tertibi we möhleti

3.1. Emitent listinge girizilen gymmatly kagyzlaryň her bir goýberilişi boýunça bir gezeklik tölegini, listing Arzasy kanagatlandyrylan gününden söň 5 iş günuň dowamynda Biržanyň hyzmatlarynyň Nyrhnamasyna laýyklykda, Birža nagt däl görnüşinde töleýär.

3.2. Emitent ähli gymmatly kagyzlary listingde saklamak boýunça her ýyllyk ýygyndysynyň tölegini, ýylyň soňky 1 aýynyň dowamynda Biržanyň hyzmatlarynyň Nyrhnamasyna laýyklykda, Birža nagt däl görnüşinde töleýär.

## 4. Taraplaryň jogapkärçiligi

4.1. Taraplar şu Şertnamanyň ähli şertleri doly derejede talaba laýyk ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

## 5. Şertnamanyň hereketiniň möhleti

5.1. Şu Şertnama gol çekilen pursatyndan güýje girýär we ýatyrylan pursatyna çenli hereket edýär.

5.2. Şu Şertnamanyň ýatyrmak tertibi, onuň ýakyn wagtda ýatyrmak barada, Taraplara deslapky habar bermegini we Taraplaryň ähli boçnamalarynyň ýerine ýetirmegini göz öňünde tutýar.

## 6. Gizlinlik şertleri

6.1.Taraplar, şu Şertnamanyň hereket edýän dowründe, Emitent tarapyndan şu Şertnamanyň şertleriniň çäklerinde berlen maglumatlar, täjirçilik ýa-da beýleki syrlaryň obýekti bolup durmaýar, we Birža tarapyndan gyzyklanma bildirýän şahslara mälim edip bilinjekdigi barada ylalaşdylar.

## 7. Taraplaryň ygtyýarly şahslary

7.1. Tertbiniň käbir talaplary baradaky maglumatlary doly we öz wagtynda geçirmekde, Taraplaryň jogapkär ygtyýarly şahslary:

**Birža tarapyndan:**

| t/b | Jogapkär ýerine ýetirijiniň A.F.A.a. | Wezipesi | Telefon, faks, salgysy we e-mail |
|---|---|---|---|
| 1. | | | |

**Emitent tarapyndan:**

| t/b | Jogapkär ýerine ýetirijiniň A.F.A.a. | Wezipesi | Telefon, faks, salgysy we e-mail |
|---|---|---|---|
| 1. | | | |

7.2. Taraplar, Biržanyň Listing tertibiniň we şu Şertnamanyň şertleriniň bozulmazlygy üçin, ygtyýarly şahslaryň sanawyndaky ähli üýtgeşmeler barada haýal etmän biri-birine habar bermelidirler.

## 8. Aýratyn şertler

8.1. Şu Şertnama girizilen ähli üýtgetmeler we goşmaçalar onuň aýrylmaz bölegi bolup, diňe ýazmaça görnüşde resmileşdirilende we Taraplaryň ygtyýarly wekilleri bilen gol çekilen halatynda güýje girýär.

8.2. Emitentiň listinge girizilen gymmatly kagyzlarynyň her bir goýberilişi boýunça aýratyn Şertnama baglaşmaga degişli bolup durýar.

## 9. Taraplaryň ýuridiki salgysy we bank maglumatlary

**Birža:** **Emitent:**

"Aşgabat gazna biržasy" ÝGPJ-niň
listing Tertibine **Goşundy 2.**

## Listing Arzasy

_________________________________ 202_ ýylyň "__" - nji _______________
(kärhananyň ady)

Gymmatly kagyzlaryň ýeke-täk döwlet sanawynda ________________belgi bilen bellige alnan kärhana tarapyndan goýberilen _______________________ Biržanyň
(gymmatly kagyzyň görnüşi)
resmi sanawynyň "____" toparyna girizmek meselesine garamagyňyzy haýyş edýär.

"Gymmatly kagyzlar bazary hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň we "Aşgabat gazna biržasy" ÝGPJ-niň Listing tertibiniň talaplary bilen tanyş we olary berjaý etmekde borçlanýarys.

**Ýolbaşçy** _______________________________ _______________
( A.F.A.a.) (goly)

**Baş hasapçy** _______________________________ _______________ M.Ýe.
( A.F.A.a.) (goly)

Aşgabat gazna biržasy” ÝGPJ-niň
listing Tertibine **Goşundy 3**

## Listing prospekti

**Emitentiň ady** ______________________________________________
**Taýýarlanan senesi** __________________________________________

**1. Emitent barada umumy maglumatlar**

1.1. Emitentiň ýuridiki we poçta salgysy ____________________________

1.2. Emitentiň habarlaşmak boýunça şahsy __________________________

1.3. Emitentiň işiniň beýannamasy we goýberilýän önümiň esasy görnüşi ýa-da amala aşyrýan hyzmatlary ________________________________________

1.4. Emitentiň auditory ______________________________________________

1.5. Emitentiň bellige alyjysy_____________________________________

1.6. Ýuridiki şahs hökmünde Emitentiň döwlet hasaba alyş senesi we bellgisi_____ Emitentiň gaýtadan döwlet hasaba alnyşynyň soňky senesi _______________

1.7. Emitentiň ýuridiki şahslaryň maýasynyň 5,0%-nden gowragyna eýeçilik etmek, şol sanda paýanama, paý:

| Ady | Ýerleşýän ýeriniň salgysy | Işiniň görnüşi | Ýolbaşçysynyň A.F.A.a. | Maýadaky paýynyň mukdary |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

1.8. Hasabat döwrüniň ahyryna çenli kärhanada işleýän işgärleriň umumy sany____

1.9. Emitentiň täjirçilik däl guramalara gatnaşmagy baradaky maglumatlar.

| Guramanyň ady | Işiniň çygrysy | Emitentiň guramadaky statusy |
|---|---|---|
| | | |

**2. Emitentiň korparatiw dolandyrylyşy**

2.1. Emitentiň soňky 1 ýylda geçirilen paýdarlaryň Umumy ýygnagy barada maglumat:

| Geçirilen senesi | Gün tertibi |
|---|---|
| | |

2.2. Soňky 3 ýylda 1 sany gymmatly kagyza (her bir görnüşi boýunça) hasaplanan girdejiler barada maglumat:

| Gymmatly kagyzyň görnüşi | Diwidendiň mukdary ýa-da ýyllyk göterim girdejisi | Möçberini we sebäbini görkezmek bilen bar bolan bergiler barada maglumat |
|---|---|---|
| | | |

2.3. Paýyny görkezmek bilen kärhananyň maýasynyň 5,0%-nden gowragyna eýe bolan Emitentiň paýdarlary (esaslandyryjylary):

| Paýdaryň (esaslandyryjynyň) ady | Rezidentlik döwleti | Emitentiň maýasyndaky paýy | Paýnamalaryň sany (paýy) |
|---|---|---|---|
| | | | |

2.4. Emitentiň paýdarlarynyň gurluşy we hasabat döwrüniň ahyryna çenli Emitentiň paýdarlarynyň umumy sany:

| Paýdarlar | Mukdary | Maýsyndaky paýy |
|---|---|---|
| Ýuridiki şahslar | | |
| Fiziki şahslar | | |
| Döwlet | | |
| **Jemi:** | | |

2.5. Emitentiň ýerine ýetiriji, gözegçilik we barlag guramalarynyň şahsy düzümi, olaryň her birine degişli paýnamalaryň sanyny we Emitentiň esaslyk maýasyndaky paýyny görkezmek bilen:

| A.F.A.a. | Dolandyryş guramalaryndaky wezipesi | Emitentiň maýasyndaky paýy | Paýnamalaryň sany (paýy) | Emitentiň wezipeli şahsynyň esasy iş ýeri |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

2.6. Hasabat döwrüne Emitentiň Gözegçilik Geňeşiniň mejlisleri barada maglumat:

| Mejlisleriň geçirilen senesi | Gün teretibi |
|---|---|
| | |

2.7. Hasabat döwrüne Emitente we onuň wezipeli şahslaryna salynan administratiw jerimeler barada maglumat:

| Salynan jerime | jerime salan tarap | Jerimäniň esaslary we onuň mukdary | Ýerine ýetirilişi barada maglumat |
|---|---|---|---|
| | | | |

**3. Hasabat döwri boýunça Emitentiň işi barada maglumat**

3.1. Hasabat döwrüne emitentiň esasy kreditorlary barada maglumat:

| Kreditoryň ady | Berginiň häsiýeti | Umumy bergileriň möçberindäki paýy |
|---|---|---|
| | | |

Birža bilen işleýän Emitentiň ygtyýarly işgäriniň goly _______________ M.Ýe.

Aşgabat gazna biržasy” ÝGPJ-niň
listing Tertibine **Goşundy 4.**

**Biržanyň Listing toparynyň netijenamasy**

Taýýarlanan senesi_______________________________________________________

Taýýarlan ýeri__________________________________________________________

Netijenamanyň görnüşi: ilkinji we goşmaça listing, listingde saklamak we delisting.

Ýüz tutujy/Emitent_______________________________________________________

Biržanyň resmi sanawyna girizilen/girizmek üçin ýüz tutulan gymmatly kagyzlar:
- gymmatly kagyzlaryň görnüşi;
- dolanyşykdaky mukdary;
- resmi sanawyň topary.

Emitentiň umumy listing talaplaryna laýyklygy/laýyk däldigi barada netije.

| Birža talaplarynyň ölçegleri | Emitentiň talaplara laýyklygynyň / laýyk däldiginiň esaslandyrmasy |
|---|---|
| | |

Biržanyň resmi sanawynyň “____” topary boýunça Emitentiň aýratyn listing talaplaryna laýyklygy/laýyk däldigi barada netije.

| Birža talaplarynyň ölçegleri | Emitentiň talaplara laýyklygynyň / laýyk däldiginiň esaslandyrmasy |
|---|---|
| | |

Biržanyň listing toparynyň Biržanyň resmi sanawynyň degişli toparyna ýüz tutulan gymmatly kagyzlary girizmek baradaky, ýa-da gymmatly kagyzlaryň listingden ýüz öwürmek (sebäplerini beýan etmek bilen) ýa-da delisting baradaky teklipleri we hödürlemeleri.

**Listing toparynyň agzalarynyň gollary:**

Toparyň ýolbaşçysy__________________

Agzalar______________________

Agzalar______________________

Agzalar______________________

Agzalar______________________